# Tramp 3 aý möhlet bilen tarifleri togtatdy, ýöne Hytaý üçin 125%-e çenli ýokarlandyrdy

ABŞ-nyň prezidenti Donald Tramp, ABŞ bilen hyzmatdaş ýurtlara geçiş döwrüni üpjün etmek we anyk ylalaşyk gazanmak üçin 75-den gowrak ýurt üçin täze salgytlary 90 gün möhlet bilen togtatýandygyny aýtdy.

Şeýle hem, eýýäm hereket edýän tarifler 90 gün möhlet bilen 10% peseldildi. Bu wagtlaýyn arakesme dürli tarifleri we täze söwda mehanizmlerini sazlamak üçin berildi.

Emma bu Hytaýa degişli däl, sebäbi Hytaýdan getirilýän harytlaryň tarifleri 125%-e çenli ýokarlandyryldy. PhoneArena portaly bu ýokarlandyrmanyň ABŞ-da iPhone bahalarynyň ep-esli ýokarlanmagyna sebäp boljakdygyny belleýär, sebäbi bu önümler Hytaýda öndürilýär. Elbetde, bu Hytaýda öndürilýän beýleki önümlere-de täsir eder.

Bu ýagdaýyň jogabyna Apple, iPhone 16 seriýasyny hem öz içine alýan käbir modelleriň eýýäm öndürilýän Hindistan ýaly beýleki ýurtlarda önümçiligi artdyrmagy meýilleşdirýär, ýöne Hindistandaky önümçilik möçberi Hytaý bilen deňeşdirilende has az.

Tramp öz beýanatynda Hytaý üçin tarifleriň ýokarlandyrylmagynyň ýurduň dünýä bazarlaryna “hormat goýmazlygyna” jogapdygyny nygtady. Şeýle-de bolsa, Tramp dünýä aksiýa bahalarynyň pese gaçmagynda öz roluny boýun alman, ähli jogapkärçiligi Hytaýa ýükledi.

Все права защищены